TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ
DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP,
ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ WE
GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ
SAÝLAWLARY

# DALAŞGÄR HÖDÜRLEMEK BOÝUNÇA
# G O L L A N M A

# РУКОВОДСТВО
## ПО ВЫДВИЖЕНИЮ КАНДИДАТА

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ,
WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ
WE GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# DALAŞGÄR HÖDÜRLEMEK BOÝUNÇA

# GOLLANMA

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2018

UOK 342.8
D 14

D 14 **Dalaşgär hödürlemek boýunça gollanma.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

TDKP № 35, 2018 KBK 67.99 (2Tü) 05

© Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar, 2018.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüji baştutanlygynda we dünýä ýüzünde ykrar edilýän ynsanperwer, demokratik syýasaty netijesinde, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyz ösüş hem rowaçlyk ýolundan öňe sary ynamly gadam urýar. Ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda, şol sanda saýlaw ulgamynda hem uly üstünlikler gazanylýar.

Saýlaw möwsümi dalaşgärleri erkin we deňhukukly hödürlemek, aýanlyk we açyklyk, wagyz erkinligi başlangyçlarynda, ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.

Saýlawlaryň guramaçylykly we demokratik ýörelgeler esasynda geçirilmeginde syýasy partiýalaryň hem-de raýatlar toparlarynyň aýratyn ähmiýetli orny bardyr. Sebäbi diýeniňde, saýlawlar boýunça mynasyp dalaşgärleriň hödürlenilmegi we saýlanylmagy geçirilýän islendik saýlawlaryň esasy maksady bolup durýar.

Aslynda, Türkmenistanda geçirilýän dürli görnüşli saýlawlaryň köppartiýalylyk esasynda geçirilmegi, ýagny saýlawlara Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň, Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň, şeýle hem raýatlaryň toparlarynyň gatnaşmagy saýlawlaryň demokratik ýörelgeler esasynda, açyklykda we aýanlykda, giň bäsleşik esasynda, halkara kadalaryna laýyklykda geçirilýändigini görkezýär we ýurdumyzda demokratiýanyň we halk häkimiýetliliginiň has-da dabaralanýandygyna şaýatlyk edýär.

Ýokarda aýdylanlaryň hemmesi Türkmenistanyň halkara derejesinde borçlanýan demokratik ýörelgelere ygrarlydygyny görkezýär.

Şu gollanma 2018-nji ýylyň 25-nji martynda boljak Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny demokratik ýörelgeler esasynda, guramaçylykly geçirmek maksady bilen, syýasy partiýalar, raýatlaryň toparlary üçin işlenilip taýýarlanyldy we ony usulyýet çeşmesi hökmünde peýdalanmagy maslahat berýäris.

Gollanmada syýasy partiýalar we raýatlaryň toparlary üçin dalaşgärleri hödürlemek boýunça käbir saýlaw resminamalarynyň mysaly nusgalary hem ýerleşdirildi.

## Umumy düzgünler

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, welaýat hukukly şäher (mundan beýläk – welaýat), etrap, etrap hukukly şäher (mundan beýläk – etrap, şäher) halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugynyň esasynda hem-de bäsleşik esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary (mundan beýläk – saýlawlar) bir mandatly saýlaw okruglary boýunça geçirilýär.

Saýlaw möwsümi Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, Halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri erkin we deňhukukly hödürlemek, aýanlyk we açyklyk, wagyz erkinligi başlangyçlarynda, ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň on sekiz ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga gatnaşmaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlamaga, saýlanmaga gatnaşmaga hukuklaryny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.

Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Türkmenistanyň raýatlary saýlawlara deň esaslarda gatnaşýarlar. Her bir saýlawçynyň bir sesi bardyr. Türkmenistanyň raýatynyň saýlawlara gatnaşmagy erkin we meýletindir.

Saýlawlarda ses bermek gizlindir. Saýlawçylaryň öz erkini beýan edişine gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

## Saýlawlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy

Saýlawlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinden we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde göz öňünde tutulan kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň kadalary ulanylýar.

## Saýlawlary bellemek

Saýlawlar Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, Halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan üç aý galanda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär.

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar (mundan beýläk - Merkezi saýlaw topary) saýlaw möwsüminiň başlanýandygy hakynda saýlawlar gününe çenli azyndan ýetmiş gün galanda yglan edýär.

## Saýlawlary geçirmegi üpjün etmek

Saýlawlara taýýarlyk görmegi we olary geçirmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýän saýlaw topar-

lary üpjün edýärler. Saýlawlary geçirmegi şu aşakdaky saýlaw toparlary guraýarlar:

– Merkezi saýlaw topary;

– welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň saýlaw toparlary (mundan beýläk welaýat saýlaw topary);

– etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň saýlaw toparlary (mundan beýläk – etrap, şäher saýlaw toparlary);

– okrug saýlaw toparlary;

– etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlary (mundan beýläk – geňeşlik saýlaw topary);

– uçastok saýlaw toparlary.

Saýlaw toparlarynyň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

Saýlawlara taýýarlyk görmekde we olary geçirmekde saýlaw toparlary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan garaşsyzdyrlar.

Saýlaw toparlarynyň işine döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň, şeýle hem wezipeli adamlaryň hem-de raýatlaryň gatyşmagyna ýol berilmeýär.

Saýlaw toparlary öz işini Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda guraýarlar.

## Dalaşgärleri hödürlemek

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-nji maddasyna laýyklykda, dalaşgärleri hödürlemek hukugy saýlawlaryň bellenen gününe çenli bellige alnan syýasy partiýalara, şeýle hem raýatlaryň toparlaryna degişlidir.

Saýlawlar gününe çenli ýigrimi bäş ýaşy dolan we soňky on ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkme-

nistanyň raýaty Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär hödürlenilip bilner.

Saýlawlar gününe çenli ýigrimi bir ýaşy dolan we degişli çäkde ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hödürlenilip bilner.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgär hödürlenilip bilinmez.

Dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar.

Syýasy partiýalar, raýatlaryň toparlary özleriniň dalaşgär hödürlemek boýunça geçiriljek mejlisleri, ýygnaklary barada öňünden degişli saýlaw toparyna habar ***(1-nji nusga, 17-nji sahypada)*** bermelidirler.

Dalaşgär hödürlenilýän adamyň wezipesi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatynyň, halk maslahatynyň, Geňeşiň agzasynyň mandaty bilen bir ýere sygyşmasa, ol öz-özüni aýyrýandygy hakynda ýa-da saýlanylan halatynda eýeleýän wezipesinden boşamaga niýetiniň bardygy hakynda degişli saýlaw toparyna ýazmaça habar berýär.

Dalaşgär özüniň saýlawlarda sese goýulmaga razydygy hakynda degişli saýlaw toparyna ýazmaça habar berýär.

## Syýasy partiýalar tarapyndan dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 45-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärleri syýasy partiýalar özleriniň merkezi, welaýat, etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde (gurultaýlarynda, konferensiýalarynda, umumy ýygnaklarynda) hödürleýärler.

Welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalygyna dalaşgärleri syýasy partiýalar welaýat, etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde hödürleýärler.

Geňeş agzalygyna dalaşgärleri syýasy partiýalar etrap, şäher we ilkinji guramalarynyň mejlislerinde, ýygnaklarynda hödürleýärler.

Syýasy partiýalaryň dalaşgärleri hödürlemek barada bilelikdäki mejlisleri, ýygnaklary geçirmäge hukuklary bardyr.

Syýasy partiýalaryň guramalarynyň mejlislerinde we ýygnaklarynda dalaşgärlige hödürlenilýänleriň çäklendirilmedik sany ara alnyp maslahatlaşylyp bilner. Mejlise, ýygnaga gatnaşýan her bir adamyň dalaşgärlige hödürlenilýänler hakynda teklip girizmäge, olary ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşmaga, olary goldamaga ýa-da ret etmäge, hut özüni hem dalaşgär hödürlemek üçin ara alyp maslahatlaşylmagyny teklip etmäge hukuklydyr.

Syýasy partiýalar degişli guramalarynyň mejlislerinde, ýygnaklarynda ýa-da olaryň bilelikdäki mejlislerinde, ýygnaklarynda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalygyna birnäçe dalaşgär, ýöne her saýlaw okrugy üçin diňe bir dalaşgär hödürläp bilýärler.

Dalaşgäri bilelikde hödürlän syýasy partiýalaryň soňra şol okruga özbaşdak dalaşgär hödürlemäge hukugy ýokdur.

Eger syýasy partiýalaryň degişli guramasynyň mejlisine, ýygnagyna gatnaşýanlaryň ýarysyndan köpüsi dalaşgärlige hödürlenilýäniň tarapyna ses berse, ol dalaşgär hödürlenilen diýlip hasap edilýär.

Dalaşgär hödürlemek hakyndaky karar açyk ýa-da gizlin ses bermek arkaly kabul edilýär. Ses bermegiň tertibini we mejlisi, ýygnagy alyp barmagyň beýleki meselelerini mejlise, ýygnaga gatnaşýanlar kesgitleýär.

Dalaşgär hödürlemek barada syýasy partiýalaryň guramasynyň mejlisiniň ýa-da birnäçe guramalaryň bilelikdäki mej-

lisiniň, olaryň ilkinji guramalarynyň ýygnagynyň teswirnamasy (***2-nji nusga, 18-nji sahypada***) iki günüň dowamynda, ýöne dalaşgär hödürlemek möhletiniň gutarýan gününiň yzyndan gelýän iş gününden gijä goýman, degişli saýlaw toparyna berilýär. Şunda:

– Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär hödürlemek boýunça teswirnama degişli okrug saýlaw toparyna;

– welaýat halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär hödürlemek boýunça teswirnama degişli welaýat saýlaw toparyna;

– etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär hödürlemek boýunça teswirnama degişli etrap, şäher saýlaw toparyna;

– Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlemek boýunça teswirnama degişli geňeşlik saýlaw toparyna berilýär.

## Raýatlaryň toparlary tarapyndan dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 47-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, welaýat halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň **azyndan iki ýüzüsi**, etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň **azyndan bir ýüzüsi**, Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň ýygnagyna bolsa degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň **azyndan ellisi** gatnaşsa, ol ygtyýarly hasap edilýär.

Her bir saýlawçy raýatlaryň toparynyň diňe bir ýygnagyna gatnaşyp biler, bu düzgün şol bir derejedäki wekilçilikli edara agzalyga dalaşgär hödürlemek boýunça geçirilýän ýygnaklara degişlidir.

Ýygnaga gatnaşýanlar bellige alynmaga degişlidir, bellige alyş sanawynda her bir saýlawçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýaşaýan ýeri görkezilýär. Her bir saýlawçy bellige alyş sanawynda gol çekýär.

Ýygnaklarda dalaşgärlige hödürlenilýänleriň çäklendirilmedik sany ara alnyp maslahatlaşylyp bilner. Ýygnaga gatnaşýan her bir adamyň dalaşgärlige hödürlenilýänler hakynda teklip girizmäge, olaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmaga, olary oňlamaga ýa-da ret etmäge, hut özüni hem dalaşgärlige hödürlemek üçin ara alnyp maslahatlaşylmagyny teklip etmäge hukuklydyr.

Raýatlaryň toparynyň her bir ýygnagy degişli saýlaw okrugyna Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna diňe bir dalaşgär hödürläp biler.

Raýatlaryň toparynyň ýygnagyna gatnaşýanlaryň ýarysyndan köpüsi dalaşgärlige hödürlenilýäniň tarapyna ses berse, ol dalaşgär hödürlenilen diýlip hasap edilýär.

Dalaşgäri hödürlemek hakyndaky karar açyk ýa-da gizlin ses bermek arkaly kabul edilýär. Ses bermegiň tertibi we ýygnagyň alnyp barlyşynyň beýleki meseleleri ýygnaga gatnaşýanlar tarapyndan kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgäriň hödürlenilendigi hakynda teswirnama ***(3-nji nusga, 21-nji sahypada)*** düzülýär. Ýygnagyň teswirnamasynyň ýanyna oňa gatnaşanlaryň sanawyny ***(4-nji nusga, 24-nji sahypada)*** goşup, iki günüň dowamynda, ýöne dalaşgär hödürlemek möhletiniň gutaran gününiň yzyndan gelýän iş gününden gijä galynman, degişli welaýat, okrug, etrap, şäher, geňeşlik saýlaw toparyna gowşurylýar. Dalaşgär hödürlenilendigi hakyndaky karar barada dalaşgäre hem şol möhletiň dowamynda habar berilýär.

## Dalaşgärleriň bellige alynmagy

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärleri degişli okrug saýlaw topary, halk maslahatyna agzalyga dalaşgärleri degişli welaýatyň, etrabyň, şäheriň, Geňeş agzalygyna dalaşgärleri bolsa geňeşlik saýlaw toparlary bellige alýar. Bellige almak saýlawlara elli gün galanda başlanýar we saýlawlara ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar.

Dalaşgärleri bellige almak hakyndaky degişli saýlaw toparynyň karary mejlisleriň, ýygnaklaryň dalaşgärleri hödürlemek baradaky teswirnamalary we dalaşgärleriň sese goýulmaga razydygy baradaky arzalary ***(5-nji nusga, 25-nji sahypada)*** bar bolan mahalynda kabul edilýär.

Dalaşgärlige hödürlenilen her bir adam diňe bir saýlaw okrugynda dalaşgärlige bellige alnyp bilner. Dalaşgäre degişli şahsyýetnama berilýär.

Dalaşgär haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýa-da synçy bolsa, ol bellige alnan pursadyndan toparyň düzüminden çykarylan ýa-da synçynyň ygtyýarlyklary bes edilen diýlip hasap edilýär.

*1-nji nusga*

***Mysal üçin:***

**Mary welaýatynyň**
**99-njy «Kemine»**
**okrug saýlaw toparyna**

**HABAR**

Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Mary welaýat komiteti tarapyndan Mary şäher häkimliginde, 2018-nji ýylyň 25-nji ýanwarynda sagat 11:00-da, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary boýunça 99-njy «Kemine» saýlaw okrugyna dalaşgär hödürlemek hakynda mejlis geçirilýändigini habar berýäris.

**Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň**
**Mary welaýat komitetiniň başlygy** __________ **D. Orazow**

M.Ý.

24.01.2018ý.

*Mysal üçin:*

**Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Balkan welaýat komitetiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary boýunça Balkan welaýatynyň 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugyna dalaşgär hödürlemek hakyndaky geçiren mejlisiniň**

**TESWIRNAMASY**

25.01.2018 ý. Balkanabat şäheri

Gatnaşdylar:

Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Balkan welaýat komitetiniň agzalary, 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugynyň saýlawçylary. Jemi 217 adam.

**GÜN TERTIBI:**

2018-nji ýylyň 25-nji martynda geçiriljek Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary boýunça Balkan welaýatynyň 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugyna dalaşgär hödürlemek.

**Diňlenildi:** Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Balkan welaýat komitetiniň başlygy Tuwakow Tuwak Tuwakowiç. Ol öz çykyşynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan milli demokratik syýasaty netijesinde, ýurdumyzda syýasy çäreleriň örän guramaçylykly geçirilýändigini aýratyn

belledi. T.Tuwakow 2018-nji ýylyň 25-nji martynda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynyň geçirilýändigini we bu möhüm syýasy çäräniň ýurdumyzyň ösüşinde uly ähmiýete eýe boljakdygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-45-nji maddalaryna laýyklykda, syýasy partiýalaryň guramalarynyň mejlislerinde Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär hödürlemäge hukugynyň bardygyny nygtady. Şol sebäpli, Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Balkan welaýat komiteti tarapyndan Kadyrow Kadyr Kadyrowiçi Balkan welaýatynyň 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugy boýunça Mejlisiň deputatlygyna dalaşgärlige hödürlemekligi teklip etdi we bu mesele boýunça çykyş etmek üçin mejlise gatnaşyjylara söz berildi.

**Çykyp geplediler:** Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň agzasy Orazow Oraz Orazowiç. Ol öz çykyşynda Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň agzasy, Balkan welaýatynyň Baş bilim müdirliginiň başlygy K.Kadyrowyň Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatyna doly we dogry düşünýändigini, guramaçy ýolbaşçydygyny, il arasynda uly abraýa eýedigini, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärlige mynasypdygyny hem-de ony dalaşgärlige hödürlemekligi goldaýandygyny aýtdy. Şeýle-de, mejlisiň gün tertibiniň meselesi boýunça Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň agzasy Gurbanow Gurban Gurbanowiç, 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugynyň ýaşaýjylary Aşyrow Aşyr Aşyrowiç, Tahyrowa Bibijan Tahyrowna dagylar çykyş edip, K.Kadyrowyň ýaşaýjylaryň arasynda abraý-hormata eýedigini, Hormatly Prezidentimiziň raýatlaryň ýaşaýyş-durmuşyny, bilimini has-da gowulandyrmak bilen bagly başlangyçlaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýandygyny, geljekde hem bu il-ýurt bähbitli çärelere işjeň gatnaşjakdygyna ynam bildirýändiklerini we Balkan welaýatynyň 34-nji «Daşarbat» saýlaw

okrugy boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärlige hödürlemekligi makullaýandyklaryny we biragyzdan goldaýandyklaryny aýtdylar.

Gün tertibiniň meselesi boýunça Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Balkan welaýat komitetiniň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary boýunça Balkan welaýatynyň 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugyna dalaşgär hödürlemek hakynda geçiren mejlisi **karar etdi:**

**KARAR:**

1. Balkan welaýatynyň Baş bilim müdirliginiň başlygy Kadyrow Kadyr Kadyrowiçi 2018-nji ýylyň 25-nji martynda geçiriljek Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary boýunça Balkan welaýatynyň 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugyna dalaşgärlige hödürlemeli.

**Başlyk** **T.Tuwakow**

M.Ý.

**Kätip** **G.Gurbanow**

***Mysal üçin:***

2018-nji ýylyň 25-nji martynda geçiriljek saýlawlar boýunça Kyrkgyz geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlemek hakynda geçirilen ýygnagyň

**TESWIRNAMASY**

27.01.2018 ý.

Gatnaşdylar: Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginiň raýatlar topary. Jemi 53 adam.

**GÜN TERTIBI:**

2018-nji ýylyň 25-nji martynda geçiriljek saýlawlar boýunça Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlemek.

**Diňlenildi:** Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginiň ýaşaýjysy, ýygnagyň başlygy Amanow Aman Amanowiç. Ol öz çykyşynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan içeri we daşary syýasatlary netijesinde, ýurdumyzda beýleki çäreler bilen birlikde, syýasy çäreleriň hem örän guramaçylykly geçirilýändigini belläp geçdi. A.Amanow 2018-nji ýylyň

25-nji martynda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilýändigini we bu möhüm syýasy çäräniň ýurdumyzyň ösüşinde uly ähmiýete eýe boljakdygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-nji we 47-nji maddalaryna laýyklykda, raýatlaryň toparynyň ýygnagynda Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlemäge hukugynyň bardygyny nygtady. Şol sebäpli, Kyrkgyz geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugynyň raýatlar topary bolup, şu geňeşlikdäki 27-nji orta mekdebiň taryh mugallymy Geldiýew Geldi Geldiýewiçi 8-nji saýlaw okrugyna Geňeş agzalygyna dalaşgärlige hödürlemekligi teklip etdi we bu mesele boýunça çykyş etmek üçin ýygnaga gatnaşyjylara söz berildi.

**Çykyp geplediler:** Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugynyň ýaşaýjysy, Bekiýew Beki Bekiýewiç. Ol öz çykyşynda taryh mugallymy G.Geldiýewiň Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatyna doly we dogry düşünýändigini, tejribeli mugallymdygyny, il arasynda uly abraýa eýedigini, Geňeş agzalygyna dalaşgärlige mynasypdygyny hem-de ony dalaşgärlige hödürlemekligi goldaýandygyny aýtdy. Şeýle-de, ýygnagyň gün tertibiniň meselesi boýunça şu okrugyň ýaşaýjylary Gurbanow Gurban Gurbanowiç, Aşyrow Aşyr Aşyrowiç, Myradow Myrat Myradowiç dagylar çykyş edip, G.Geldiýewiň ýaşaýjylaryň arasynda abraý-hormata eýedigini, Hormatly Prezidentimiziň raýatlaryň ýaşaýyş-durmuşyny, bilimini has-da gowulandyrmak bilen bagly başlangyçlaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýandygyny, geljekde hem bu il-ýurt bähbitli çärelere işjeň gatnaşjakdygyna ynam bildirýändiklerini we onuň şu geňeşligiň 8-nji saýlaw okrugy boýunça Geňeş agzalygyna dalaşgärlige hödürlemekligi biragyzdan goldaýandyklaryny aýtdylar.

Gün tertibiniň meselesi boýunça Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginiň raýatlar toparynyň Kyrkgyz geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlemek hakynda geçiren ýygnagy **karar etdi:**

**KARAR:**

Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň 27-nji orta mekdebiniň taryh mugallymy Geldiýew Geldi Geldiýewiçi, 2018-nji ýylyň 25-nji martynda geçiriljek saýlawlar boýunça Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna Geňeş agzalygyna dalaşgärlige hödürlemeli.

**Başlyk** **A.Amanow**

**Kätip** **D.Durdyýew**

*4-nji nusga*

***Mysal üçin:***

**2018-nji ýylyň 25-nji martynda geçiriljek saýlawlar boýunça Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Kyrkgyz geňeşliginiň raýatlar toparynyň Kyrkgyz geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlemek hakynda geçiren ýygnagyna gatnaşan saýlawçylaryň**

**SANAWY**

| **T/b** | **Familiýasy, ady, atasynyň ady** | **Doglan senesi** | **Ýaşaýan ýeri** | **Goly** |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| *1.* | *Amanow Aman Amanowiç* | *1976* | *Kyrkgyz obasynyň Kemine köçesiniň 5-nji jaýy* | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| *51.* | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

**Bellik:** Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 47-nji maddasyna laýyklykda, raýatlar toparynyň dalaşgär hödürlemek hakyndaky ýygnagyna gatnaşýan saýlawçylar bellige alynmaga degişlidir we bellige alyş sanawy ýygnagyň beýanyna goşulyp, degişli saýlaw toparyna iberilýär.

*Mysal üçin:*

**Balkan welaýatynyň**
**34-nji «Daşarbat»**
**okrug saýlaw toparyna**

**Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgärlige hödürlenen,** *18.04.1974-nji ýylda doglan, Balkanabat şäheriniň Hazar köçesiniň 25-nji jaýynda* **ýaşaýan,** *Balkan welaýatynyň Baş bilim müdirliginiň başlygy* **wezipesinde işleýän** *Kadyrow Kadyr Kadyrowiçiň* tarapyndan

## RAZYLYK ARZA

Men 2018-nji ýylyň 25-nji martynda geçiriljek, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynda Balkan welaýatynyň 34-nji «Daşarbat» saýlaw okrugy boýunça dalaşgär hökmünde sese goýulmagyma razydygymy mälim edýärin.

________________
(goly)

“*25*” *ýanwar* 2018 ý.

**Bellik:** razylyk arzasy ýazylanda dalaşgäre degişli maglumatlar onuň pasportyndaky ýaly anyk görkezilýär hem-de geçen iki aýdan uzak bolmadyk möhletde düşülen 9x12 sm. ölçegdäki 2 sany we 3x4 sm. ölçegdäki 4 sany reňkli fotosuraty bilen degişli saýlaw toparyna berilýär.

## Çykyp giden dalaşgäriň ýerine dalaşgär hödürlemegiň tertibi

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 47-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna, halk maslahatynyň we Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemegiň möhleti tamamlanandan soň dalaşgärler çykyp giden halatynda ýa-da saýlaw okrugynda diňe bir dalaşgär galan bolsa, degişli welaýat, etrap, şäher, okrug we geňeşlik saýlaw topary täze dalaşgärleri hödürlemek teklibi bilen syýasy partiýalaryň guramalaryna, şeýle hem okrugyň saýlawçylaryna ýüzlenýär.

Dalaşgärler saýlawlara ýigrimi günden az wagt galanda çykyp gidende, degişli saýlaw okrugynda saýlawlar 2018-nji 25-nji martynda boljak saýlawlardan soň iki aý möhletde geçirilýär.

Çykyp giden dalaşgärleriň ýerine dalaşgärleri hödürlemek Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen tertipde geçirilýär.

## Wagyz işlerini geçirmegiň möhletleri

Wagyz işleri dalaşgäriň bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlaryň geçiriljek gününden bir gün öň bes edilýär.

Gaýtadan ses bermek geçirilende, wagyz işleri gaýtadan ses bermegiň bellenilmegi baradaky karar kabul edilen pursadyndan täzeden başlanýar we gaýtadan ses bermegiň geçiriljek gününden bir gün öň bes edilýär.

Saýlaw toparlarynyň jaýlaryndan daşarda ýerleşdirilen wagyz metbugat maglumatlary (listowkalar, ündewsuratlar we beýlekiler) ses berilýän güni öňki ýerlerinde saklanylyp galdyrylýar.

## Wagyz maglumatlarynyň ýerleşdirilmegi

Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary saýlawlaryň geçiriljek güni bellenilen gününden beýläk on günüň dowamynda her bir saýlaw uçastogynyň çäginde wagyz maglumatlaryny ýerleşdirmek üçin ýörite ýerleri göz öňünde tutmalydyrlar. Dalaşgärlere şolar ýaly maglumatlaryny ýerleşdirmek üçin deň şertler üpjün edilmelidir.

Wagyz maglumatlaryny ýadygärlikleriň, obeliskleriň we taryhy, medeni ýada binagärlik gymmatlygy bolan binalaryň ýüzünde, şeýle-de, saýlaw toparlarynyň jaýlarynda, olaryň girelgelerinde we ses berilýän jaýlarda ýerleşdirmek gadagandyr.

ВЫБОРЫ ДЕПУТАТОВ МЕДЖЛИСА ТУРКМЕНИСТАНА,
ЧЛЕНОВ ВЕЛАЯТСКИХ, ЭТРАПСКИХ, ГОРОДСКИХ
ХАЛК МАСЛАХАТЫ И ГЕНГЕШЕЙ

# РУКОВОДСТВО

## ПО ВЫДВИЖЕНИЮ КАНДИДАТА

# ВВЕДЕНИЕ

Под дальновидным руководством уважаемого Президента Гурбангулы Бердымухамедова, а также благодаря признанной во всем мире человеколюбивой и демократической политике главы государства, независимый и нейтральный Туркменистан уверенно шагает вперед на пути процветания и благосостояния. Во всех отраслях страны, в том числе и в избирательной системе, достигнуты успехи.

Свободное и равноправное выдвижение кандидатов, открытость и гласность выборов, свободная агитация в избирательный период для всех кандидатов обеспечивается равноправие.

Большую роль в проведении организованных, а также демократических выборов играют политические партии и группы граждан. Так как выдвижение и избрание достойных кандидатов является основной целью любых выборов.

